# Bar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bar BAR

Ýoldan bir zat tapsa, gadymy aslym,
Üç gaýra gygyran:
– Bu zat kimiñki?!
A men welin ony dabanma basdym
Hemem soran bolsa, diýdim: – Meniñki.

Babam bar jaý salan,
Garbanýan çaky,
Nandan gaçan owuntygyñ üstüne.
A men gatan nany desterhandaky
Zibil guta alyp gitdim dessine.

Del harmanda gonja giren dänäni,
Ädik silkip, döküp gaýdan
Atam bar.
Eý, Ýaradan, geçir meniñ günämi,
Kişi haky, duza bagly hatam bar.

Kakabaý YLÝASOW. Goşgular